Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ŞEKILLEDIRIŞ SUNGATY 3

Umumy orta bilim mekdepleriniň
3-synpy üçin derslik

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan neşire hödürlenildi*

Täze neşir



Daşkent – 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 75(075.3)
KBK 85.1ya72
Ş 35

*Düzüjiler:*
**Rustam Hudaýberganow, Tatýana Li, Barno Ýunusowa, Sarwar Farmanow, Orzu Taşmuhamedowa**

*Jogapkär redaktor:*
**Asgarali Suleýmanow**

*Syn ýazanlar:*
**Ziýadilla Bobomuradow** – Daşkent arhitektura – gurluşyk institutynyň şekillendiriş sungaty kafedrasynyň müdiri, dosent.
**Dilnaza Tulanowa** – Nyzamy adyndaky Daşkent döwlet pedagogika uniwersitetiniň şekillendiriş sungaty kafedrasynyň dosenti w. ý. ý.
**Akram Wapaýew** – Daşkent welaýatynyň Kibraý tümenindäki 14-nji umumy orta tälim mekdebiniň sungat mugallymy.
**Dilnaza Mirhakimowa** – Daşkent şäheriniň Ýunusabat tümenindäki 260-njy umumy orta bilim mekdebiniň sungat mugallymy.

## Şertli belgiler:

– ýumuş

– dersiň soňy

– soraglar

– öý işi

*Respublikanyň ýörite kitap gaüznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.*

*Original maket we dizaýn konsepsiýasy Respublikan tälim merkezi tarapyndan taýýarlandy.*

ISBN 978-9943-7813-6-8
© Respublikan tälim merkezi, 2022

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

Giriş ... 4

1-nji bap. GRAFIKA

**1-nji tema.** Grafikada natýurmort we peýzaž žanrlary. Format ... 8

**2-nji tema.** Ýol-ýol nagyş çekmek ... 10

**3-nji tema.** Şöhle-kölege. Pyrlaýan lenta şekilini çekmek ... 12

**4-nji tema.** 2 – 3 dürli miweden düzülen natýurmort çekmek ... 14

**5-nji tema.** «Küýze we sarymsak» temasynda natýurmort çekmek ... 16

**6-njy tema.** «Tandyrnan» temasynda natýurmort çekmek ... 18

**7-nji tema.** Gara fonda ak reňk bilen natýurmort çekmek ... 20

**8-nji tema. 1-nji barlag işi.** «Sogan» şekilini çekmek ... 22

**9-njy tema.** Reňkli fonda gara reňk bilen peýzaž çekmek ... 23

2-nji bap. HEÝKELTARAŞLYK

**10-njy tema.** Heýkeltaraşlygyň görnüşleri ... 26

**11-nji tema.** Küýzegär ussahanasyna syýahat ... 28

**12-nji tema.** Milli oýanawaçlaryň heýkeljiklerini ýasamak ... 30

**13-nji tema.** Saçakdaky näz-nygmatlar ... 32

**14-nji tema.** «Ur, tokmak!» ertagi esasynda heýkel taýýarlamak ... 34

**15-nji tema. 2-nji barlag işi.** «Erteki gahrymanlary Täze ýyl arçasy töwereginde» temasynda heýkel ýasamak ... 36

**16-njy tema.** «Demirgazyk polýus aýyjagy» temasynda heýkel ýasamak ... 38

3-nji bap. ŽIWOPIS

**17-nji tema.** Älemgoşar. Esasy we emele gelen reňkler. Reňkler garyşmasy ... 42

**18-nji tema.** Hromatik däl (ahromatik) reňkler. «Towşanjyk» suratyny çekmek ... 44

**19-njy tema.** Hromatik reňkler. «Balyjyk» suratyny çekmek ... 46

**20-nji tema.** Sowuk reňkler. «Ak guş» suratyny çekmek ... 48

**21-nji tema.** Ýyly reňkler. «Ýolbars çagasy» suratyny çekmek ... 50

**22-nji tema.** «Gumry»nyň suratyny çekmek ... 52

**23-nji tema.** Dekoratiw (bezegli) guş. «Tawus» suratyny çekmek ... 54

**24-nji tema. 3-nji barlag işi.** «Tebigat dünýäsi» temasynda surat çekmek ... 56

**25-nji tema.** Tebigatdaky agaçlaryň ýyl pasyllaryna baglylykda üýtgemegini şekillendirmek ... 58

**26-njy tema.** Reňk we keýp (şäht). «Nowruz baýramy» temasynda surat çekmek. ... 60

4-nji bap. KOMPOZISIÝA

**27-nji tema.** «Dagda ýaz» temasynda giňişlikdäki kompozisiýany işlemek ... 64

**28-nji tema.** «Kosmosa uçuş» temasynda kollaž usulynda kompozisiýa işlemek ... 66

**29-njy tema.** Statika we dinamika ... 68

**30-njy tema.** Açyk we ýapyk görnüşdäki kompozisiýa işlemek ... 70

**31-nji tema.** Kompozisiýadaky ritm ... 72

**32-nji tema. 4-nji barlag işi.** «Haýwanat bagy» temasynda kompozisiýa işlemek ... 74

**33-nji tema.** «Tebigaty goraň» temasyndaky plakat kompozisiyasyny işlemek ... 75

**34-nji tema.** «Tebigaty goraň» temasyndaky plakat kompozisiýasynyň şirftini işlemek ... 77

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# GIRIŞ

Gadrly okuwçylar! Siz 2-nji synpda «Şekillendiriş sungaty» dersligi arkaly «Grafika», «Heýkeltaraşlyk», «Žipowis» we «Kompozisiýa» temalary boýunça başlangyç maglumatlary öwrendiňiz. Grafik şekiller çekmek, laý we plastilindan göwrümli güberçek we tegelek heýkeller ýasamak, çyzylan şekillere reňk bermek, tema esasynda kompozisiýa düzmek boýunça amaly başarnyklara eýe bolduňyz. 3-nji synpda -da baplar yzygiderliginde gyzykly temalary öwrenmek bilen birlikde, surat çekmek we heýkel ýasamak, döredijilikli kompozisiýalar düzmek boýunça täze başarnyklary ele alarsyňyz.



*Anwar Mamajanow. M. Hudaýkulowyň «Kiçi mysallar» toplamyna illustrasiýa.*



*Lekim Ibragimow. «Geçmişiň äheňi» görnüşinden «Gyzgyn nan» illustrasiýasy.*



*Aleksandr Li. «Ýaz» linograwýurasy.*



*Galina Li. «Hoş geldiňiz» awtolitografiýasy.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 1-nji bap
# GRAFIKA

**Grafika** – grek sözden alynan bolup, «*çekýärin*», «*ýazýaryn*» diýen manylary aňladýar. Grafikada şekil galam, kömür, reňkli galamlar, şarikli ruçkalar, tuş, flomaster, hek we şular ýalylaryň kömeginde çekilýär.

**Grafika** – şekillendiriş sungatynyň bir görnüşi. Grafikada şekil esasan ak-gara, şonuň ýaly, reňkli işlenýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Pathulla Haitow (1947-nji ýylda dogulan)**

*«Durmuşym dowamynda maňa diňe gowy ynsanlar duşdy, olaryň we ýakyn adamlarymyň mährini duýup ýaşaýaryn. Muny eserlerimde hem şöhlelendirmegi we olardan ýylylyk şöhlesi gelip durmagyny isleýärin».*

Pathulla Haitow 1947-nji ýylda Daşkent şäherinde eneden dogulan. Kamaliddin Behzad adyndaky Milli suratkeşlik we dizaýn instituty (öňki A. N. Astrowskiý adyndaky Teatr we suratkeşlik instituty)ny tamamlap, şol okuw binasynda mugallym hem-de litografiýa ussahanasynda okuw ussasy hökmünde zähmet ýolyny başlan. Häzir Pathulla Haitowyň köp sanly eserleri Özbegistan Milli banky, «Turonbank» banky, Özbegistan döwlet sungat muzeýi, Özbegistan Çeper akademiýasy görkezmeler dirksiýasy, Kokan döwlet sungat muzeýi, Germaniýa, Fransiýa, Mongoliýa, Hindistan, Litwa, Russiýa ýaly döwletleriniň muzeýleri we şahsy ýygyndylarynda saklanýar. «Watan yşky» görnüşünden «Şam», «Bazar tarovati (terawatty)», «Çagalyk» görnüşünden «Sähra (dele) howly», «Säher», «Iki çynar», «Peýzaž», «Akdaş», «Bu durmuş» ýaly eserlerinde ýurdumyzyň özüne laýyk tebigaty, ýaly peýzažlary ýaňlanan.



*«Çagalyk» görnüşinden: «Daşlar bagy».*



*«Çagalyk» görnüşinden: «Asuda asman astynda».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*«Agam gullukdan qeldi».*



*«Köne şäher» görnüşinden: «Tandyrçylar».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1-nji tema

# GRAFIKADA NATÝURMORT WE PEÝZAŽ ŽANRLARY. FORMAT.

**Natýurmort –** fransuz sözi bolup, jansyz tebigat diýen manyny aňladýar. Bu žanrda zatlar, miwe we gök-önümler, güller, gipsden taýýarlanan dürli predmetler özüne görä, seredip şekillenýär. Natýurmort çekmegiň öz kadalary bar we olara amal etmek zerur.

**Peýzaž –** žanrynda daglar, tokaýlar, meýdanlar, şarlawuk (anhor), köl, derýalar, köçe we öýler şekillenýär.

Suratkeşler bu žanr arkaly tebigata, watana söýgüni aňladýarlar. Tebigat peýzažlaryny şekillendirmek gadymy Hytaý suratkeşlik sungatynda peýda bolan. Peýzaž žanrynda özüne has kadalaryna daýanyp çekmek talap edilýär.

**Format** – işlenilýän şekil meýdanynyň çägi. Iň köp ýaýran şekil formatlary dörtburçlyklar (wertikal, gorizantal), inedördüllerdir. Wertikal dörtburçlyk formatda işlenen şekiller ýokaryk ymtylmak, şöhrat duýgusyny berýär. Gorizontal format bolsa çylşyrymly, köp ölçegli kompozisiýalar üçin amatly. Dynç ýagdaýy aňladýan kompozisiýalar esasan inedördül formatda işlenýär.



*Arzu Taşmuhamedowa. «Natýurmort».*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



*Haýdarowa Nadyrabegim.*
*«Miniatura».*



*Sogdiana Ýusupowa. «Nowruz».*



*Jemşid Nişanow.*
*«Peýzaž».*



*Jemşid Nişanow.*
*«Dekoratiw natýurmort».*

Maşk depderine natýurmort ýa-da peýzaž žanrynda islendik formatda surat çekiň.

1. Natýurmort sözi nähili manyny aňladýar?
2. Peýzaž žanrynyň özüne haslygy nämede?
3. Tebigat peýzažyny işlemek nirede peýda bolan?
4. Format näme?

Islendik formatda peýzaž ýa-da natýurmort şekilini çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2-nji tema

# ÝOL-ÝOL NAGYŞ ÇEKMEK

Ýol-ýol nagyş bir näçe böleklerden ybaratdyr. Olar gül, ýaprak, pyntyk, miwe elementleri hem-de ýol içindäki shema kömekçi çyzyklaryndan ybarat. Ýol-ýol nagyş işlemekde ak kagyza ýol çekilenden soň, ol kömekçi çyzyklar bilen deň böleklere bölünýär.

Shema kömekçi çyzyklaryna elementler ritm esasynda ýerleşdirilýär. Ýol içinde elementleriň gaýta çekilmegi, ýol-ýol nagyşy emele getirýär. Ýol-ýol nagyş bezeglerini öýümizdäki zatlarda, geýimlerde, arhitektura ýadygärlikleriň diwarlarynda, amaly sungat muzeýlerinde görmegimiz mümkin.

## Ýol-ýol nagyş çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE







Maşk depderine ýol-ýol nagyş çekiň.

1. Ýol-ýol nagyş nähili böleklerden ybarat?
2. Ýol-ýol nagyş bezeglerini nirelerde görmegimiz mümkin?

Ýol-ýol nagyşy reňkli galamlardan peýdalanyp boýaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3-nji tema

# ŞÖHLE – KÖLEGE. PYRLAÝAN LENTA ŞEKILINI ÇEKMEK

**Şöhle-kölege** – barlykdaky ähli zatlarda bar bolup, biz şöhle we kölege kömeginde daş-töweregimizdäki ähli zatlara göwrümli şekilde görünýäris. Zatlardaky şöhle we kölege belli bir kadalar esasynda ýerleşýär:

- **Blik** – jisimdäki iň ýaldyrdawuk bölek (gün şöhlesi düşen ýer).
- **Ýagtylyk** – jisime ýagtylyk düşen ýer.
- **Ýarym kölege** – şöhle we kölege aralygyndaky bölek.
- **Kölege** – jisimiň ýagtylyk düşmeýän bölegi.
- **Refleks** – jisimiň kölege bölegine düşýän ýagtylygyň şöhlesi.
- **Düşýän kölege** – jisimiň ýere ýa-da stola düşýän kölegesi.











*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Pyrlaýan lentany grafik usulda şekillendirmegiň tapgyrlary

1



2





3



Pyrlaýan lentany grafik usulda maşk depderine çekiň.

1. «Blik» adalgasynyň manysy näme?
2. «Kölege» jisimiň nähili bölegi?
3. «Ýarym kölege» adalgasynyň manysy näme?

Pyrlaýan lenta şekilini grafik usulda tamamlap geliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**4-nji tema**

# 2-3 DÜRLI MIWEDEN DÜZÜLEN NATÝUMORT ÇEKMEK

Bizi öz tagamy we görünişi bilen begendirýän güýz miwelerinden biri nardyr.

Nar patyşa miwe nyşany sypatynda taryplanýar.

Nar agajynyň boçy 6 metre golaý bolýar. Ol maý-iýul aýlarynda gülleýär. Miwesi tagamy we görünişine seredip dürli sortlara bölünýär. Nar bagt we baýlyk-dogçulyk nyşanydyr.

Hurma daragtynyň boýy ortaça 2-3 metre bolýar. Hurma daragty Özbegistanyň günorta böleginde aprel aýynyň soňy maý aýynyň başynda gülleýär. Miweleri oktýabr aýynda bişip ýetişýär. Bişen miweleri sarymtyl reňkde bolýar, bişip geçenleri goňurgaramtyl görnüşde bolýar.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Nar we hurma natýurmortyny çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



Nar we hurma natýurmotyny maşk depderine çekiň.

1. Nar agajynyň boýy näçe metre golaý bolýar?
2. Nar miwesi nähili taryplanýar?
3. Hurma miwesiniň görünişi nähili?

Nar we hurma natýurmotyny reňkli galamlardan peýdalanyp boýaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

5-nji tema

# «KÜÝZE WE SARYMSAK» TEMASYNDA NATÝURMORT ÇEKMEK

«Konstruksiýa» adalgasy çekilýän şekiliň käbir böleklerini bölejiklere aýryp, gurulmasyny emele getirmegini bildirýär.

«Küýze we sarymsak» temasyndaky natýurmortda ilki küýze we sarymsagyň simmetriýa we kömekçi çyzyklary, umumy şekili çekilýär. Küýze we sarymsagyň faza (boşluk)da ýerleşini görkezmek maksadynda konstruktiw gurulmasy çekip alynýar. Natýurmortdaky şekiller gurulmasynyň anyk gatnaşyklary we zatlar şekili meňzenden soň, grafik usulda ýagty we kölege görnüşleri işlenip, natýurmort şekili emele getirilýär.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Küýze we sarymsak» temasynda natýurmort çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Küýze we sarymsak» temasyndaky natýurmorty maşk depderine çekiň.

1. Küýze we sarymsagyň faza (boşluk)da ýerleşini görkezmek maksadynda näme çekip alynýar?
2. «Konstruksiýa» adalgasy çekilýän şekiliň nämäsini emele getirmegi bildirýär?

«Küýze we sarymsak» natýurmortyny grafik usulda tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

6-njy tema

# «TANDYRNAN» TEMASYNDA NATÝURMORT ÇEKMEK

«Tandyrnan» temasyndaky natýurmorty grafik usulda çekmekde ilki bilen, natýurmorty syn etmek gerek bolýar. Munda kagyzy nähili goýmak gerekligini anyklap alynýar. Eger nanyň ini boýyndan uly bolsa, kagyz ýatan halatynda, eger boýy ininden uly bolsa, kagyz dik halatynda goýulýar. Natýurmorty şöhle ýan tarapyndan düşýän edip ýerleşdirmek möhüm. Her bir şekil kagyz ýüzüne ýeňil kömegçi çyzyklar bilen çekip ýerleşdirilýär.

Natýurmorty tapgyrlaýyn çekip, aslyna meňzenden soň, grafik usulda ştrihläp ýagtylyk we şöhle bölekleri işlenýär.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Tandyrnan» natýurmortyny çekmegiň tapgyrlary




«Tandyrnan» temasyndaky natýurmorty maşk depderine çekiň.

1. Natýurmorty grafik usulda çekmekden ozal näme etmeli?
3. Eger nanyň ini boýundan uly bolsa, kagyz nähili goýulýar?
2. Natýurmort aslyna meňzenden soň nähili wezipe ýerine ýetirilýär?

«Tandyrnan» natýurmortyny grafik usulda tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

7-nji tema

# GARA FONDA AK REŇK BILEN NATÝURMORT ÇEKMEK

Gara fonda ak reňk bilen natýurmort çekmek grafikada natýurmort işlemegiň gyzykly usullaryndan biridir. Käwagt güýçliräk aňlatmak üçin grafikada kontrast, ýagny ak we gara reňkler ulanylýar. Gara ýa-da goýy kül reňk fonda ak reňk bar, ak reňkli galam ýa-da guaş bilen şekil çekilýär. Işi mälim edilen böleklerden başlamagyňyz gerek bolýar. Kölege bölekleri bolsa, fon bilen birleşýär we şonda şekil kontrastly, anyk, beýanly bolup çykýar.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Gara fonda ak reňk bilen natýurmort çekmegiň tapgyrlary




«Gara fonda ak reňk bilen natýurmort çekmek» temasyndaky suraty maşk depderine çekiň.

1. Grafikada natýurmort işlemegiň gyzykly usullaryndan biri näme?
2. Natýurmort çekmegiň tapgyrlaryny sanaň?

Natýurmorty grafik usulda tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

8-nji tema

# 1-NJI BARLAG IŞI. «SOGAN» ŞEKILINI ÇEKMEK

Tegelek şekilden ybarat bolan «Sogan» şekilini çekmek.

Barlag işinde sogan natýurmorty grafika usullaryndan birinde ýerine ýetirilýär. Şekili üns bilen syn edip, kagyzy dik ýa-da ýatan halatynda goýmak bellenip alynýar. Natýurmorty çekmegiň tapgyrlary esasynda şekil, kagyz ýüzüne kömekçi çyzyklardan peýdalanyp ýerleşdirilýär. Natýurmort gara flomaster, tuş, reňkli galamlar bilen grafika usulynda ýagty-kölege kanunylygy esasynda çekilýär.

1



2



3



4



Ýagty-kölege kanunylygy esasynda «Sogan» şekilini maşk depderine çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 9-njy tema

# REŇKLI FONDA GARA REŇK BILEN PEÝZAŽ ÇEKMEK

Peýzaž şekilini tapgyrlaýyn çekmekde, perspektiwa kadalaryna amal edilýär.

Peýzaž işlemekde suratkeş ilki bilen tebigatdan ylhamlanyp, lezzet berýän görnüşi saýlaýar. Peýzaž görnüşi grafikanyň dürli usullaryndan peýdalanyp çekmek mümkin. Grafikada peýzaž işlemegiň gyzykly görnüşlerinden biri reňkli kagyz ýüzüne gara galam şekili (kontury) we ştrihler kömeginde çekmek usulydyr. Bu usulyň birinji tapgyrynda peýzažyň ýagty – kölege bölekleri inçejik çyzyklar bilen bellenilip çykylýar. Soňky tapgyrda gara tuş ýa-da flomaster bilen gaýtadan işlenýär we grafik şekil emele getirilýär.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Reňkli fonda gara reňk bilen peýzaž çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



Maşk depderine «Reňkli fonda gara reňk bilen peýzaž çekmek» temasynda surat çekiň.

Peýzaž şekilini tapgyrlaýyn çekmekde nähili kadalara amal edilýär?

Peýzaž şekilini grafik usulda tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 2-nji bap
# HEÝKELTARAŞLYK

**Heýkeltaraşlyk** – şekillendiriş sungatynyň görnüşi bolup, barlygy göwrümli şekillerde, üç ölçegde şekillendirmäge esaslanýar. Şekilde esasan adam, şonuň ýaly, haýwanlar (animalistik), tebigat (peýzaž) we zatlar (natýurmort) işlenýär.

**Heýkel** – arabça söz bolup, «uly, ajaýyp şekil» manysyny aňladýar. Heýkeltaraşlyk hem edil, reňk şekil ýaly durmuşy waka-hadysalaryny dürli usul we şekillendirmek tehnikasy hem-de çig mallaryň kömeginde aňladýar. Heýkeltaraşlykda daş, metal, gips, agaç we şular ýaly materiallar giňden ulanylýar. Heýkeltaraşlyk eserleri kesmek, ýelmemek, birikdirmek, oýmak, guýmak arkaly taýýarlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

10-njy tema

# HEÝKELTARAŞLYGYŇ GÖRNÜŞLERI

**Heýkeltaraşlygyň 2 sany esasy** – aýlanyp tomaşa etmek mümkinçiligini berýän **tegelek** hem-de diňe bir tarapdan görmege niýetlenen **güberçek** (gabarik şekil, relýef) görnüşi bar.

**Relýef** – tekiz ýüze (diwara) güberçeklenip işlenen şekil.

**Relýef** – barelýef we gorelýef görnüşlerine bölünýär.



**Gorelýefde** şekil galyňlygynyň ýarmydan köprägi güberçek durýar.



**Barelýefde** şekil galyňlygynyň ýarmydan kemräk bölegi güberçek çykan bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Güberçek şekil ýasamagyň tapgyrlary




1. Heýkeltaraşlygyň näçe sany esasy görnüşi bar?
2. Relýef we barelýef näme?
3. Gorelýef näme?

Laý ýa-da plastilinden heýkeltaraşlygyň haýsydyr bir görnüşinde heýkeljik ýasaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 11-nji tema KÜÝZEGÄR USSAHANASYNA SYÝAHAT

**Küýzegärçilik** – hünermendçiligiň laýdan dürli zatlar taýýarlaýan görnüşi. Küýzegärçilikde esasy çig mal saz toprakdyr. Esasy iş guraly bolsa, küýzegärlik çarhy hasaplanýar. Ussa çarhyň kömeginde dürli sopol (gadymy bolan nagyşly uly tarelka) gaplar taýýarlaýar we olara şekil berýär. Taýýarlanan sopol gaplar guradylyp, humdanda gyzdyrylýar. Gowy guradylan gaplara ýörite taýýarlanan reňklerden peýdalanyp nagyşlar çekilýär, soň humdanlarda ýokary temperaturada guradylýar. Syrly (demir gap – sirlangan) gaplar bolsa, ýene bir gezek humdanda gyzdyrylýar.

**Küýzegär ussa Umar Jorakulow (1894–1973-nji ýyllar)**

Özbegistan halk suratkeşi, küýzegär Umar Jorakulow ülkämiziň köp ýyllyk däp-dessuralara eýe bolan, küýzegärçilik sungatyna uly goşant goşup, Samarkant häzirki zaman küýzegärçilik mekdebine esas salan.

1894-nji ýyly Samarkantda dogulan Umar Jorakulow 300 ýyllyk küýzegärler sulalasynyň dowamçysy hasaplanýar. 1930-njy ýyllarda ussa Umar Jorakulow küýzegärçilik zatlaryna nagyş çekmegi başlan. Döredijilikli ýoly dowamynda küýzegär suratkeş respublika we halkara amaly sungat görkezmelerinde gatnaşan. Onuň sopol zatlara, legenlere çyzan nagyşlary, bezegleri gözel we reňbe-reňkligi bilen tapawutlanyp durýar.



*«U. Jorakulow». G. Ulko*



**Plastilinografiýa** – amaly bezeg sungatynyň täze görünişi. Onda dürli reňkdäki plastilinden azrak ýa-da köpräk güberçeklenip emele getirilen ýarym şekilli zatlar şekili gorizantal ýüze düşürilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Ussa küýzegär güberçek şekilini ýasamagyň tapgyrlary

1



2



3



4



1. Küýzegärlikde esasy çig mal näme?
2. Küýzegärlikde esasy iş guraly näme hasaplanýar?
3. Özbegistan halk suratkeşi, küýzegär ussa Umar Jorakulow haýsy küýzegärçilik mekdebine esas salan?
4. Plastilinografiýa näme?

Laý ýa-da plastilinden ussa küýzegär şekilini ýasamagy tamamlaň we başga bir islendik kesp-hünär wekiliniň şekilini ýasaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

12-nji tema

# MILLI OÝNAWAÇLARYŇ HEÝKELJIKLERI ÝASAMAK

**Maýda plastika heýkeljikleri** – ölçegleri onçakly uly bolmadyk tutawaçly heýkeljiklerdir.

Maýda plastika heýkeljikleri gymmatbaha daş, laý, farfor, ayna ýaly materiallardan taýýarlanýar. Maýda plastika heýkeljikleri ynsana lezzet berýär, tekje we ýazuw stollaryny bezäp durýar.

Bilelikde guzujygyň maýda plastika heýkeljigini ýasaýarys.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Guzyjyk heýkeljigini ýasamagyň tapgyrlary

1



2



3



4



1. Maýda plastika näme?
2. Maýda plastika heýkeljikleri nähili materiallardan taýýarlanýar?

Başga bir oýnawaç heýkeljigini ýasaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

13-nji tema

# SAÇAKDAKY NÄZ-NYGMATLAR

Saçak iýmitlenmek wagtynda düşelýän mata bolup, ony iýmitler bilen bezeýärler. Halkymyzda saçak myhmandotluk nyşany hasaplanýar. Saçak düşelenden soň, iň birinji çörek goýulýar. Ondan soň saçaga çaý getirilýär. Soň başga näz-nygmatlar goýulýar.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Saçakdaky näz-nygmatlar» temasynda heýkel ýasamagyň tapgyrlary

1


2


3


4


1. Halkymyzda saçak nämeniň nyşany hasaplanýar?
2. Tema esasynda heýkel ýasamagyň tapgyrlaryny düşündirip beriň.

Ýasan saçagymyzy başga gap we miweler bilen dolduryň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 14-nji tema

# «UR, TOKMAK!» ERTEKI ESASYNDA HEÝKEL TAÝÝARLAMAK

«Ur, tokmak!» – özbek halkynyň ajaýyp erteksi. Goja we leglek ertekiniň esasy gahrymanlarydyr.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Ur, tokmak!» ertekisi esasynda heýkel ýasamagyň tapgyrlary

1



2



3



1



2



3



1. «Ur, tokmak!» haýsy halk erteki?
2. «Ur, tokmak!» ertekisiniň esasy gahrymanlary kim?

«Ur, tokmak!» erteki esasynda heýkeljikleri tamamlaň. Başga bir erteki gahrymanlaryny ýasaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

15-nji tema

## 2-NJI BARLAG IŞI.
## «ERTEKI GAHRYMANLARY TÄZE ÝYL ARÇASYNYŇ TÖWEREGINDE» TEMASYNDA HEÝKEL ÝASAMAK

**Täze ýyl** – ulular we çagalaryň iň gowy görýän baýramlaryndan-dan biridir. Täze ýylda geçen ýyl netijeleri hasaba alynyp, hemmeler bir-birine gowy dilegler aýdýarlar.

Bu baýram çagalaryň gyşgy dynç alyşyny gyzykly geçmeginde möhim ähmiýete eýe. Ony köp döwletlerde däp derejede, arçanyň töwereginde bellemek adata öwrülen. Täze ýyl baýramynda çagajyklar Aýaz baba we Garpamyk gelmegine garaşýarlar.



### «Erteki gahrymanlary täze ýyl arçasy töwereginde» temasynda heýkel ýasamagyň tapgyrlary

1


2


3


1


2


3




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE













1. Täze ýyl nähili baýram hasaplanýar?
2. Tema esasynda ýasalan heýkeljikleri derňäň.

Dersde işlenen kompozisiýany başga gahramanlar bilen dolduruň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

16-njy tema

# «DEMIRGAZYK POLÝUS AÝYJAGY» TEMASYNDA HEÝKEL ÝASAMAK

**Ak aýy** – demirgazykda ýaşaýan aýylar maşgalasyna degişli süýt emdiriji. Göwresiniň uzunlygy 2 – 2,5 m, käwagt 3 m-e ýetýär, agramy 800 kg-a çenli barýar. Bedeni galyň deri we ak, käwagt külreňk tüýsdäki ýüň bilen örtülen. Arktika haýwanat dünýäsiniň esasy wekili. Ak aýylaryň esasy iýmiti balykdyr. Pes temteratura gowy uýgunlaşan, penjeleri güýçli ösen bolup, suwda öz iýmitini arkaýyn tutup bilýär. Guýrugy gysga, galyň ýüňi arasynda diýen ýaly, bilinmeýär. Bu günki günde ak aýylar azalyp barýany üçin halkara Gyzyl kitaba girizilen.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Demirgazyk polýus aýyjagy» temasynda heýkel ýasamagyň tapgyrlary

1


2


3


4


5


6


Ak aýylar nirede ýaşaýar?

«Demirgazyk polýus aýyjagy» heýkeljigini doňlar üstüne ýerleşdirip ýasaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



## Çöriýew Rozy Çöriýewiç (1931–2004)

Rozy Çöriýew žiwopis ussasy. Özbegistan çeper akademiýasynyň hormatly akademigi.

Özbegistan halk suratkeşi Rozy Çöriýew öz eserlerinde ülke peýzažlaryny açyk boýaglarda uly ussatlyk bilen şöhlelendiren. Onuň döredijiligi žipowise milli ruh, däp-dessurlar, meşhur ynsanlar obrazlary görnüşini alyp gelmegi bilen aýratyn ähmiýete eýe. Onuň portretleri («Zamandaşym», «Dostum portreti», «Gelin. Şahly sözene», «Firawn». «Erkek portreti», «Boýsunly ýaşuly», «Poşhurdly gyz Berna», «Saýrablyk goja», «Gyş. Awtoportret»), öý hojalygy we taryhy temalardaky («Gürrüň», «Humsan agşamy», «Altyn tapan känçi», «Naý» «Çopan ýigit», «Boýsun», «Bahar» «Şerabad peýzažy», «Baglar») we başga köpläp eserleri meşhurdyr. Rozy Çöriýew Özbegistanyň şekillendiriş sungatyny durmuşa geçirmekde janköýerlik görkezen: onuň gatnaşmagy we gönüdengöni gatnaşmagynda Respublika çagalar döredijiligi merkezi, welaýatlarda şekillendiriş sungat muzeýleri gurulan. Ol ýaş suratkeşleri üznüksiz goldan. Rozy Çöriýew eserleri respublika we daşary döwletler muzeýlerinde hususy kolleksiýalarda saklanýar.



*«Ziýada ene portreti»*



*«Daşkent. Bahar»*



*«Fergana jülgesinde güýz»*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-nji bap
# IWOPIS

**Žiwopis** – belli bir ýüzde boýaglar gurallarynda ýerine ýertirilýän sungat eseri. Şekillendiriş sungatynyň bu görnüşinde reňk iň esasy oryny eýeleýär.

Žiwopis ugruna görä mahabatly, oturgyçly we başga görnüşlere bölünýär. Žiwopis ugurlarynyň her biri özüne has häsiýetleri bilen bir-birinden tapawutlanýar.

Suratkeşler žiwopis gurallarynyň kömeginde eser döredýärler we hemişe kompozisiýa mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar. Diýmek, žiwopisiň esasy aňlatmasy guraly reňk bolup galyberýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 17-nji tema

# ÄLEMGOŞAR. ESASY WE EMELE GELEN REŇKLER. REŇKLER GARYŞMASY

Biz köplenç ýagyş ýaganda asmanda emele gelýän älemgoşar reňklerini görmegimiz mümkin.

Älemgoşar reňkleri gyzyl, mämişi, sary, ýaşyl, mawy, gök hem-de syýa reňk bolýar.

Gyzyl, sary we gök esasy reňkler hasaplanýar. Esasy reňkler garyşmasyndan dürli reňkleri emele getirmek mümkin. Mysal üçin: gyzyl bilen sary garyşmasyndan mämişi reňk, gyzyl bilen mawy, garyşmasyndan benewşe reňk sary bilen mawy reňk garyşmasyndan bolsa ýaşyl emele gelýär.






*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Reňkleri garyşdyrmak tapgyrlary

1





2




Maşk depderine tema esasynda surat çekiň.

1. Älemgoşar reňkleri adyny aýdyň.
2. Esasy reňkler haýsylar?

Tema esasynda surat çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

18-nji tema

# HROMATIK DÄL (AHROMATIK) REŇKLER. «TOWŞANJYK» SURATYNY ÇEKMEK

Hromatik däl (ahromatik) reňkler hem esasy reňkler ýaly, tebigatda bar. Olar syrtynda reňk görnüşine eýe bolmadyk ak, kül reňk, gara reňklerdir. Hromatik däl (ahromatik) reňklerde işlenen şekiller hem özboluşly bolup, şekillendiriş sungatynyň giň mümkinçiliklerini görkezýär.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Towşanjyk» şekilini çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Towşanjyk» suratyny maşk depderine çekiň.

Hromatik däl (ahromatik) reňkler nähili reňkler?

1. «Towşanjyk» şekilini ahromatik reňklerde boýaň.
2. Islendik hromatik däl (ahromatik) reňkler bilen surat çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 19-njy tema

# HROMATIK REŇKLER. «BALYJYK» SURATYNY ÇEKMEK

Hromatik reňkler syrtynda reňk görnüşine eýe bolan reňklerdir. Hromatik reňkler düzümine ähli ýyly we sowuk reňkler girýär.

Bu temada hromatik reňklerden peýdalanyp «Balyjyk» şekilini çäkýäris.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Balyjyk» şekilini çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Balyjyk» suratyny maşk depderine çekiň.

1. Hromatik reňkler nähili reňkler?
2. Hromatik reňkleri ýene haýsy predmetlerde görmek mümkin?

Hromatik reňkler kömeginde «Balyjyk» şekilini boýaň we başga bir surat çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

20-nji tema

# SOWUK REŇKLER. «AKGUŞ» SURATYNY ÇEKMEK

**Sowuk reňkler** – gök, mawy, ýaşyl, gök- benewşe, gök-ýaşyl we olaryň birikmesinden emele gelýän ähli reňkler. Sowuk reňkler hyýalymyzda sowuklyk getiriji zatlar – doň, gar, suw, gök-ot we şular ýalylar görnüşinde aýan bolýar. «Akguş» şekilini işlemekde sowuk reňkleriň ähli görnüşlerinden peýdalanmak mümkin. Bu suraty çekmekde akwarel ýa-da guaşdan peýdalanýarys.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Akguş» şekilini çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Akguş» şekilini maşk depderine çekiň.

Sowuk reňkler haýsylar?

«Akguş» şekilini sowuk reňkleriniň ähli görnüşlerinden peýdalanyp çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

21-nji tema

# ÝYLY REŇKLER «ÝOLBARS ÇAGASY» SURATYNY ÇEKMEK

Ýyly reňkler – gyzyl, sary, mämişi (narynç) we düzüminde bu reňklerden az bolsa-da bar bolan ähli reňklerdir. Ýyly reňkler gün, ot we bu ýaly ýylylyk beriji çeşmeleri ýadymyza salýar. «Ýolbars çagasy» şekilini çekmek ýyly reňkleriň ähli görnüşlerini ulanmak maksada laýykdyr. Bu suraty çekmekde akwarel ýa-da guaşdan peýdalanýarys.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Ýolbars çagasy» şekilini çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Ýolbars çagasy» şekilini maşk depderine çekiň.

Ýyly reňkler haýsylar?

«Ýolbars çagasy» şekilini ýyly reňkleriň ähli görnüşlerini bilen boýaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 22-nji tema «GUMRY»NYŇ SURATYNY ÇEKMEK

Gumry guş – kepderiler maşgalasynyň gumrular tohumuna degişli guş. Guýrugy uzun, başga kepderilere garanda kiçi. Bedeniniň arka tarapyndaky ýelekleri bir meňzeş reňkde, boýny arkasynda gara reňkli ýarym halkasy bar. Merkezi Aziýada giň ýaýran, öýleriň golaýynda ýaşaýar. Ösümlikleriň tohumy, däne we nan owuntyklary bilen iýmitlenýär.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Gumry» suratyny çekmegiň tapgyrlary

1


2


3


4






«Gumry»nyň suratyny maşk depderine çekiň.

1. Gumrynyň daşky görünişi nähili?
2. Gumry näme bilen iýmitlenýär?

«Gumry»nyň suratyny reňkli şekilde çekiň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**23-nji tema**

# DEKORATIW (BEZEGLI) GUŞ. «TAWUS» SURATYNY ÇEKMEK

**Tawus** – sülgünler maşgalasyna degişli. Onuň watany Aziýa hasaplanýar. Tawus özüniň ýap-ýaşyl, ýelpewaç şekilindäki, göze meňzeş guýrugy sebäpli dekoratiw guşlar arasynda iň owadany sypatynda tanylan.









*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Tawus» suratyny çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Tawus» suratyny maşk depderine çekiň.

Tawus haýsy guşlar maşgalasyna degişli?

«Tawus» suratyny hasyl bolan reňkler bilen boýaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

24-nji tema

## 3-NJI BARLAG IŞI. «TEBIGAT DÜNÝÄSI» TEMASYNDA SURAT ÇEKMEK

Ýaz pasylynda oýanýan tebigaty owadan reňklerde görmegimiz mümkin. Şu sebäpli ýaz palitrasy (reňkleriň utgaşmasy) aşakdaky ýumşak görnüşli düzümden ybarat: aç gülgüne reňk (aç gyzyl), aç goňur, aç ýaşyl we şular ýalylar. Reňkler kontrastyny (gapma-garşylyk) getirip çykarmak üçin gülgüne reňk (aç gyzyl) gyzyl, we aç goňur reňkden hem peýdalanylýar.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Tebigat düýäsi» şekilini çekmegiň tapgyrlary

1



2



3



4



«Tebigat dünýäsi» suratyny maşk depderine çekiň.

Siziň pikiriňize görä, ýaz nähili pasyl?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

25-nji tema

# TEBIGATDAKY AGAÇLARYŇ ÝYL PASYLLARYNA BAGLYLYKDA ÜÝTGEMEGINI ŞEKILLENDIRMEK

Her bir pasyl reňbe-reňligi, özboluşlylygy bilen bizi şatlandyrýar. Ýazyň owadan, tomusyň ýyly-ýagty, güýzüň altyn we gyşyň kümüş reňklernde, pasyllaryň gözelligi beýan edilýär. Gyş asudalygy, ýaz gözellik we täzelenmek, tomus yssyklyk we güne ýanmaklygy, güýz bolsa bol hasyly aňladýar.

Bu temada agajyň ýyl dowamynda ösüşi mysalynda tebigatdaky üýtgeşikleri şekillendirýäris.



## Tebigatdaky agaçlaryň ýyl pasyllaryna baglylykda üýtgemegini çekmegiň tapgyrlary

1



2





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

3



4





5



Tebigatdaky agaçlaryň ýyl pasyllaryna baglylykda üýtgemek ýagdaýyny maşk depderine çekiň.

1. Ýyl pasyllary näçe sany?
2. Ýyl pasyllary bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?

Tebigatdaky agaçlaryň ýyl pasyllaryna baglylykda üýtgemek şekilini tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 26-njy tema

# REŇK WE KEÝP (ŞÄHT). «NOWRUZ BAÝRAMY» TEMASYNDA SURAT ÇEKMEK

**Nowruz** – tebigatyň gülläp-ösmegi we täzelenmeklik baýramy. Ol örän gadymy baýram. Nowruzyň öňüsyrasynda ýurdumyzda dürli seýiller, baýram dabaralary geçirilýär.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Nowruz baýramy» suratyny çekmegiň tapgyrlary







«Nowruz baýramy» temasynda maşk depderine surat çekiň.

Nowruz nähili baýram?

«Nowruz baýramy» suratyny tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Galina Li (1945)**

1945-nji ýylda Gyrgyzystan Respublikasynyň Gökýangak şäherinde dogulan. Kamoliddin Behzad adyndaky Milli suratkeşlik we dizaýn institutynda (öňki Astrowski adyndaky Daşkent teatr we suratkeşlik institutynda) bilim alan. 1967-nji ýyldan başlap, çagalar temasynda döredijilik edýär. 1969–1984-nji ýyllarda P. Benkow adyndaky Respublika suratkeşlik bilim ýurdunda ders beren. 100 den gowrak kitaplara illýustratsiýalar işlän.



*«Gumry bilen tilki»*



*«Ur, tokmak!»*



*«Pinokkio»*



*«Gara balyjyk»*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 4-nji bap
# KOMPOZISIÝA

**Kompozisiýa** – eseri döretmek, düzmek we gurmak manylaryny bildirýär. Kompozisiýa şekillendiriş sungatyň ähli görnüşlerinde ýaradylýar. Kompozisiýa grafikada gara we reňkli galamlar bilen, heýkeltaraşlykda laý we plastilinden peýdalanyp, žipowisde bolsa, dürli boýaglaryň kömeginde işlenýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

27-nji tema

# «DAGDA ÝAZ» TEMASYNDA GIŇIŞLIKDÄKI KOMPOZISIÝANY IŞLEMEK

Giňişlikdäki kompozisiýada şekil öňki, orta we fon suratlaryny öz içine alýar. Meselem, kompozisiýanyň öňki suratynda uly güllän agaç şekilini görýäris. Kompozisiýanyň orta şekilinde bolsa, kiçiräk öýleri görmegimiz mümkin. Kompozisiýanyň fonynda, ýagny uzakda, daglar şekili ünsümizi çekýär.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Dagda ýaz» giňişlikdäki kompozisiýasyny işlemegiň tapgyrlary

1


2


3


4


Giňişlikdäki kompozisiýa temasynda maşk depderine surat işläň.

Giňişlikdäki kompozisiýa näme?

Kyn bolmadyk şäher peýzažyny (meselem: aýna artyndaky peýzaž görnüşini şekillendiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

28-nji tema

# «KOSMUSA UÇUŞ» TEMASYNDA KOLLAŽ USULYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Gün sistemasyna Gün, planetalar, planetalaryň tebigy hemralary we başga kosmiki jisimleri girýär. Gün hem ýyldyz hasaplanýar we ol Gün sistemasynyň merkezinde ýerleşen. Planetalar Gün töwereginde aýlanýan ullakan jisimlerdir. Gün sistemasynda sekiz sany planeta bar.

Biz ýaşaýan planeta Ýer diýip atlandyrylýar. Ýer Günden uzaklygyna görä üçinji planeta.

## BU GYZYKLY

Näme üçin planetalaryň şekili kwadrata meňzemeýär?

Planetalar dartyş güýji sebäpli tegelekdir. Bu ýörite güýç ähli zady merkeze dartýar we şarlary emele getirýär. Şonuň üçin planetalar kwadrat şekilinde däl.

**Kollaž** usulynda işlemek prosesi çekilen şekil üstüne gazet, žurnal we şular ýalylardan gyrkyp alynan surat we ýazgylary ýelimläp çykmak arkaly amala aşyrylýar.

Kompozisiýa işlemekde reňkli kagyz, karton, gaýçy, ýelimiň her haýsam bolsa görnüşinden peýdalanmak mümkin.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Kosmosa uçuş» kompozisiýasyny kollaž usulynda işlemegiň tapgyrlary

1


2


3


4


5


6


7


«Kosmosa uçuş» temasyndaky kompozisiýany kollaž usulynda maşk depderine işläň.

Kollaž näme?

Kollaž usulynda kompozisiýany tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

29-njy tema

# STATIKA (DYNÇLYK) WE DINAMIKA (HEREKET)

**Dinamika** – bu şekillendiriş sungatyndaky hereket prosesini aňladýar.

Meselem:

– sportçylaryň ýaryşlarda tizlik bilen ylgamagy;
– raketanyň kosmosa uçmagy;
– at çapyşygy prosesi;
– ýüzýän sportçy we şular ýalylar.

**Statika** – bu dynç ýagdaýy we hereketsizligi bildirýär.

Meselem:

– kosmonawt;
– uçuşa taýýarlanýan raketa;
– uklaýan adam;
– baga otyrdylan heýkel we şuňa meňzeşler.

## «Uçýan raketa» suratyny çekmegiň tapgyrlary

1


2


3


4




*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Kosmonawt» suratyny çekmegiň tapgyrlary




Statika we dinamika temasynda maşk depderine surat işläň.

1. Dinamika näme?
2. Statika näme?

Statika we dinamika temasynda işlenen kompozisiýasyny tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**30-njy tema**

# AÇYK WE ÝAPYK GÖRNÜŞDÄKI KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Açyk kompozisiýada tebigat peýzažy fonynda haýwanlar ýa-da başga zatlar şekillenmegi mümkin. Meselem: tokaýdaky aýy, tebigat gursagyndaky žirafa, meýdandaky traktor, dagdaky bürgüt we şular ýalylar.

Ýapyk kompozisiýada bolsa şekil otag ýa-da binanyň içinde bolýar. Meselem: sirk sahnasyndaky şir, penjiräniň üstündäki güller, stol üstündäki küýze we miweler ýaly.

## Açyk kompozisiýa görünişinde «Pil we piljagaz» şekilini işlemegiň tapgyrlary

1


2


3


4








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Ýapyk kompozisiýa görnüşinde «Sirkdaky şir» şekilini işlemegiň tapgyrlary

1


2


3


4


5


Maşk depderine açyk we ýapyk görnüşindäki kompozisiýa işläň.

1. Açyk kompozisiýa görnüşinde surat nähili işlenýär?
2. Ýapyk kompozisiýa görnüşinde surat nähili işlenýär?

Açyk we ýapyk görnüşindäki kompozisiýaňyz tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

31-nji tema

# KOMPOZISIÝADAKY RITM

**Ritm** – elementleriň belli bir yzygiderlikde çalyşmagy we gaýtalanmagydyr.

Peýzaž kompozisiýasynda ritm aşakdakylar ýaly bolmagy mümkin. Meselem: bir näçe derek agajynyň ýa-da agaja düşýän gün şöhlesiniň, reňkleriň gaýtalanmagy. Guşlaryň uçup gelip, agaç şahasyna yzygider gonmagy şekili kompozisiýada ritm emele getirýär. Guşlaryň nobat bilen däne çokmagyny şekillemek hem kompozisiýada ritm emele getirýär.







*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Guşlaryň şekilini işlemegiň tapgyrlary

1



2



3



Maşk depderine tema esasynda kompozisiýa işläň.

1. Ritm näme?
2. Ritme mysal getirip bilersiňizmi?

Başlan kompozisiýaňyzy tamamlaň.





*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

32-nji tema

# 4-NJI BARLAG IŞI. «HAÝWANAT BAGY» TEMASYNDA KOMPOZISIÝA IŞLEMEK

Daşkent haýwanat bagy 1924-nji ýylda döredilen. Siz haýwanatbagynda dürli üýtgeşik haýwan we guşlary tomaşa etmegiňiz mümkin. Haýwanat bagynda olaryň köpläp görnüşleri bar.

## «Haýwanat bagy» şekilini işlemegiň tapgyrlary

1


2



3



4



Tema esasyndaky kompozisiýany maşk depderine işläň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

33-nji tema

# «TEBIGATY GORAŇ» TEMASYNDAKY PLAKAT KOMPOZISIÝASYNY IŞLEMEK

**Plakat** – şekillendiriş sungatda terbiýeçilik - ideologiki ähmiýete eýe bolup, hemmäniň ünsüni saýlanan tema garadýar.

**Eskiz** – kompozisiýada iň amatly warianty tapmak üçin işlenen homaki çyzgylardyr.

Plakat çekmekde tema has bir näçe sany eskiz wariantlaryny çekmek talap edilýär. Eskizler arasyndan laýyk bolan wariant plakat çekmek üçin saýlanýar.



Tebigaty goraň!



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## «Tebigaty goraň» temasyndaky plakat kompozisiýasyny işlemegiň tapgyrlary

1



2



3



4



Tema esasynda kompozisiýany maşk depderine işläň.

1. Plakat näme?
2. Eskiz näme?

Synpda başlan kompozisiýaňyzy tamamlaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 34-nji tema

# «TEBIGATY GORAŇ» TEMASYNDAKY PLAKAT KOMPOZISIÝASYNYŇ ŞRIFTINI IŞLEMEK

Plakatdaky sözleri şrift bilen ýazmakda aşakdaky kadalara amal ediň:

- sözdäki harplary sanap çykyň;
- sözleri plakatyň merkezine ýerleşdirmek üçin, kagyzyň ortasyna nokat goýuň;
- diýeliň, sözdäki harplar sany on sany bolsa, goýulan nokadyň çep tarapyna bäş sany, sag tarapyna bäş sany harp ýerleşdirilýär.

Şonda sözler kagyz merkezine dogry ýerleşýär.








*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



TEBIGATY GORAŇ!

«Tebigaty goraň» temasyndaky plakat kompozisiýasynyň şriftlerini maşk depderine işläň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şekillendiriş sungaty [Tekst]: 3-nji synp üçin derslik / R. Hudaýberganow [we başg. ]. – Daşkent: Respublikan tälim merkezi, 2022. – 80 s.

ISBN 978-9943-7813-6-8

UO‘K 75(075.3)
KBK 85.1ya72
Ş 35

*O'quv nashri*

**Rustam Xudayberganov, Tatyana Li, Barno Yunusova,**
**Sarvar Farmonov, Orzu Tashmuxamedova**

# Tasviriy san'at

*Umumiy o'rta ta'lim maktablarining*
*3-sinfi uchun darslik*
*(Turkman tilida)*

Terjime eden *Altynaý Haýrullaýewa*
Suratçy *Umid Suleýmanow*
Redaktor-korrektor: *Aýnura Alymjanowa*
Çeper redaktor *Sarwar Farmanow*
Tehniki redaktor *Akmal Suleýmanow*
Sahypalaýjy-dizaýner: *Alimardon Akilow*

*Derslikde Daşkent şäherindäki 18-nji sanly ÇSSM mugallym*
*we okuwçylaryň eserlerinden peýdalanyldy*

Mobil programma döretmegä goşant goşan ussatlar:
*Azizbek Ismailow, Maksud Saýpiýew*

Çap etmäge 2022-nji ýylyň 2-nji aprelinde rugsat edildi.
Möçberi 60×84 $^1/_8$. Segoe garniturasy.
Kegli 14 şponly. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 9,30. Neşirýat-hasap listi 6,77.
___ nusgada çap edildi. Buýurma № ___.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |
| 4. | | | | | | |
| 5. | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE